# Bakjasaraýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bakjasaraýa BAKJASARAÝA

Altyn gümmeziñi buluda gizläp,
Goýnuñda behişdiñ güllerin jemläp,
Saçlaryñy çözlän ulugyz ýaly
Otyrsyñ asyrlar boýy sülmüräp.

Penjirä çekilen tawus guşlaryñ
Gözleri janly deý balkyldap bakýar.
Misli boşap galan haremhanada,
Kenizler şadyýan depregin kakýar.

Şindem damjyklap dur «Gözýaş fontany»,
Puşkiniñ getiren güllerin ezip.
Bilýärmiñ, niçeme şahyrlar senden
Ylham alyp gitdi goşgular düzüp.

Her otagyñ ysy bägüle ýakyn,
Ýüregiñ ondanam açykdyr senden.
Eý, sen, asyrlaryñ goýan mirasy,
Ne ajaýyp gülden näzik bedeniñ.

Şyhmyrat BATYÝEW. Goşgular